# Takwa ogry we bagban hakynda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Takwa ogry we bagban hakynda hekaýat Takwa ogry hem bagban hakynda hekaýat

Entäp ýören ogry girip bir baga,
Başlan wagty miwelerden ýolmaga.

Bagban ony görüp, gelenmiş ylgap,
Hem haýbat atypdyr, taýagyn salgap.

Gygyrypdyr ogra gataldyp sesin:
«Bagda ne görüñ bar? Aşak düş basym!»

«Men – Tañry bendesi» – diýipdir ogry,
– Tañryñ saçagna geldim men dogry.

Tañryñ naz-nygmaty bu zatlañ bary,
Maña nähak ýere berýäñ azary».

Ol ogra mazaly syn edip bagban,
Aýdypdyr: «Men seniñ kimdigñi añýan.

Öñem az görmedim sen tetellini,
Edil häzir ederin men belliñi.

Meñ wagtym ýok ýañkalaşyp durmaga»
Diýip, ony başlanmyşyn urmaga.

Nadaralyk edip, gygyrýar ogry:
«Señ edýäniñ näme, şeýtanyñ kowmy?

Tañry bendesine berýärsiñ azap,
Beýle gabahatlyk nirde görlen zat?»

«Çaky ýagşy takwasyran bolmañam,

Ikimizem — urulýanam, urýanam.

Gitjek ýerimiz ýok — Tañryñ bendesi,
Baglanşykly bu zatlaryñ hemmesi.

Eýsem, seniñ bu ýalañaç kebzäñi,
Saýgylaýan — Tañryñ taýagy dälmi?» Goşgular